Faýllary ýerleşdirmek tablisasy (iňlisçe File Allocation Ta-ble (FAT)) – bu diskdäki ähli faýllaryň fiziki ýerleşişiniň (daşky görnüşiniň) ýazgysyny saklaýan ýörite tablisa.

Bu tablisa diskdäki her bir faýla degişli klasterleri kesgitleýär. Ätiýaçlyk üçin faýllary ýerleşdimek tablisasy 2 nusgada (ekzem-plýarda) ýazylýar. Bu tablisa faýllaryň ýerleşýän ýeri barada faýllary we kataloglary emele getirýän klasterleriň yzygiderligi barada maglumatlary saklaýar.

Maglumatlar diskde bitewi faýl görnüşinde ýazylman, eýsem, aýratyn klasterler görnüşinde ýazylýarlar. Şonuň üçin faýl ähli gaty disk boýunça her ýerde zyňlan ýaly bolup durýar. Gerek bolan mahaly kompýuter faýllary ýerleşdirmek tablisasyndan peýdalanyp, gaýtadan aýry klasterlerden faýly ýygnaýar.

Şeýlelikde, diskde maglumatlar fiksirlenen uzynlykdaky sektor-larda ýazylýarlar we her bir sektor, her bir fiziki ýazgynyň ýerleşýän ýeri 3 san, ýagny diskiň üstüniň, silindriň we sektoryň san belgisi (nomeri) bilen ýeke-täk kesgitlenýär.

**Ýazbike DÖWLETDURDYÝEWA**
**Türkmenistanyň Inžener-teniki we**
**ulag kommunikasiýalary**
**institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024